# Pygamberimiz hakda dogrudyr öýdülýän 10 ýalňyşyň üçünjisi

Category: Kitapcy,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 22 января, 2025
Pygamberimiz hakda dogrudyr öýdülýän 10 ýalňyşyň üçünjisi
PYGAMBERIMIZ HAKDA DOGRUDYR ÖÝDÜLÝÄN 10 ÝALŇYŞYŇ ÜÇÜNJISI

Şeýle diýýärler: *«Pygamber Medina gelende özüne garşy gidýän şahyrlary öldürtdi.*
*– Agyr şygyrlary aýdyp, meni ynjydýarlar. Meni olardan halas etjek ýokmy – diýdi.*
*Muhammet ibn Mesleme atly sahaba hem orta çykyp:*
*– Men bar, ýa Resulalla! O abraýa men mynasyp bolmak isleýärin – diýdi we guşagynyň aşagyn hanjar bukup çykdy, gije garawullabam, şol aýdylýan şahyry arkasyndan hanjarlap öldürdi»…*
Bulary siýer kitaplary ýazýar. Bu wakanyň düýbi boş! Düýbünden ýalan! Töhmet! Toslama! Bular ýaly töhmetleri kim atýar: bähbitlerine palta urlan ýer eýeleriniň (mülkdarlaryň, pomeşikleriň -t.b.) nesilleri. Bularyň içinde jöhitlerem bar, jöhit dällerem. Bular pygamberiň gelmegi bilen öňki statuslaryny ýitirip, Medinede öňki derejelerini giderensoň, pygamberimizi-de (s.a.w) saglygynda ýeňip bilmänsoň, garşysyna kitaplarda töhmet toslamaga, ýalan sözlemäge başladylar. Häzir ýer ýüzüne bir göz aýlaň: ähli halk gahrymanlarynyň, belli şahsyýetleriň, pygamberleriň, filosoflaryň garşysyna tom-tom kitaplara sygjak töhmet görersiňiz. Bu töhmetleriň iň köpü-de Pygamberimiz (s.a.w) hakyndadyr: şahyr öldürdenmiş, adam öldürdenmiş…
Kuran Allany we Onuň kitabyny ýaňsylaýan ýere gabat gelseňiz, şol ýerden gürrüňiň temasy üýtgeýänçä uzaklaşmagy buýurýar. Emma myjabatçylar «Pygamberi we Allany ýaňsylan şahyry öldürtdi» diýip, getiren kitabyna çapraz düşýän pygamberi orta çykarýarlar.